# Gadymy Margiananyň sürmedanlary

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Gadymy Margiananyň sürmedanlary GADYMY MARGIANANYŇ SÜRMEDANLARY

Mary welaýatynyň çäginde ýerleşýän «Gadymy Merw» taryhy-medeni döwlet goraghanasynyň alymlarydyr hünärmenleri tarapyndan her ýylyň ýazky hem güýzki möwsüminde tapylan taryhy gymmatlyklar Mary welaýatynyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň gaznalaryny hem ekspozisiýalaryny has baýlaşdyrdy.
Muzeýimiziň arheologiýa bölüminde gelin-gyzlaryň sürmedanlarynyň örän köp görnüşi saklanýar we olar muzeý ekspozisiýasynyň arheologiýa bölüminde sergilenýär. Şeýle sürmedanlar has irki döwürlerde bürünçden, daşdan, kümüşden, bişirilen palçykdan, süňkden edilipdir. Şol sürmedanlaryň nagyşlary hem bar. Süňkden, bürünçden, kümüşden ýasalan sürme taýajyklarynyň ýokarky bölegi haşamlanypdyr. Gözden-dilden gorar ýaly sürme taýajyklarynyň ýokarky bölegini dag goçunyň kellesi, adam eliniň açyk we ýumuk görnüşleri ýa-da güläleginiň nowçajygynyň şekillerini ata-babalarymyz özleriniň gelin-gyzlaryna ýagşy niýetleri bilen yrym edip ýasapdyrlar. Olar saglygy goraýan sürmeleri dermanlyk otlaryndan taýýarlapdyrlar. Olar esasan hem ojaryň, çopantelpegiň, bägüliň baldagyny ýakyp, olaryň külüni bägüliň gyzylja ýapraklaryny guradyp, sokuda döwüp, geçiniň içýagy bilen garyp, sürme taýýarlapdyrlar. Taýýar bolan sürmäni sürme gutujyklaryna guýupdyrlar. Ony hem ertir irden gelin-gyzlarymyz gözdür-gaşlaryna çalypdyrlar. Şeýle-de, çagalara göz agyrysy degmez ýaly olaryň hem gözlerine-gaşlaryna çalypdyrlar. Şeýle sürmeler tomusda Gün şöhlesiniň ýiti täsirinden, birnäçe göz kesellerinden gorapdyr.
Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltden ybarat kitabynda adam saglygyna peýdaly ot-

çöplerimiz barada örän giňişleýin maglumatlary berýär. Milli medeniýetimiziň gaýtadan dikeldilmegi, goralmagy ugrunda uly işleri alyp barýan milli Liderimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri elmydama rowaç bolsun.

Töre NOBATOW,
Mary welaýatynyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň direktory, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri. Taryhy makalalar